# Mona Lizanyñ »Durmuşy» barada täsin maglumatlar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Mona Lizanyñ ''Durmuşy'' barada täsin maglumatlar MONA LIZANYÑ ''DURMUŞY'' BARADA TÄSIN MAGLUMATLAR




Şekillendiriş sungaty boýunça bilermenleriñ agramly bölegi nusgawy italýan suratkeşi Leonardo da Winçi özüniñ ''Mona Liza'' atly meşhur nakgaşlyk eserinde 149-njy ýylda Liza Gerardinini şekillendiripdir diýip hasaplýar. Florensiýadan bolan ýüpek söwdasyny edýän täjir Françesko del Jokondanyñ (eseriñ ikinji ▯ Jokondo diýen ady hem şundan gelip çykypdyr) aýalynyñ şol wagtlar, ýagny suratynyñ çekilýän döwri 24 ýaşy dolup, onuñ iki ogly bar ekeni.
Leonardo da Winçä bu suraty çekmek üçin dört ýyl gerek bolupdyr.
Häzirki wagtda ''Mona Liza'' Luwr muzeýinde öz başyna otagda ''ýaşaýar'' we ok geçmeýän aýna hem-de daşky gurşawyñ ýaramaz täsirinden goraýan ýörite howa gurşawy bilen goralandyr. Bu özboluşly ''otag'' muzeýe ýedi miliondan gowrak amerikan dollaryna düşdi.
Golaýdaky giñişleýin geçirilen barlaglar Mona Lizanyñ bir kendiriñ ýüzünde üç nusgasynyñ ýerleşdirilendigini subut etdi. Görnüşi ýaly, suratkeş özüniñ eserini birnäçe gezek gaýtadan çeken bolmaly.
Bu sungat eseriniñ meşhurlygynyñ ýene bir sebäbi, onuñ 1911-nji ýylda Pari£däki Luwrdan gündiziñ günortany muzeýiñ gullukçysy tarapyndan ogurlanmagydyr. Surat aradan iki ýyl geçensoñ tapyldy. Täsin ýeri, bu ölmez-ýitmez eseriñ belli bir bahasy ýok diýlip hasaplanylýar we şonuñ üçin hem ol

ätiýaçlandyryş edarasy tarapyndan resmi hasaba alynmandyr.
Selbi HOJAÝEWA.

17.03.2020. Geň-taňsy wakalar